# SIZIŇ DURMUŞYŇYZDAKY

# IŇ WAJYP ÇÖZGÜT

JOÝS MAÝER

# ŞIZIŇ
## DURMUŞYŇYZDAKY

# IŇ WAJYP ÇÖZGÜT

JOÝS MAÝER

**The Most Important Decision You Will Ever Make,**
**by Joyce Meyer, Turkmen**
© 1996 by Joyce Meyer
P. 0. Box 655 Fenton,
Missouri 63026

**Siziň durmuşyňyzdaky iň wajyp çözgüt, Joýs Maýer, türkmen dilinde**
© 2025 Joýs Maýer

*Awtorlyk hukuklary baradaky hukuklaryň ählisi halkara kanun bilen berkidildi.*

*Kitabyň mazmuny we daşky sahabyny awtoryň hat görnüşindäki rugsatnamasy bolmasa, tutuşlygyna ýa-da bölekleýin çap edilmeli däldir.*

# MAZMUNY


1. Siziň durmuşyňyzdaky iň wajyp çözgüt . . . . . . . 1
2. Siz gaýtadan doguldyňyzmy? . . . . . . . . . . . . . . . 5
3. Isa Kim? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
4. Nämä ynanmaly? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
5. Men eýýäm täzeden doguldym,
   indi näme etmeli?. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
6. Ýene nämäni bilmeli? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
7. Başga dillerde nädip gürlemeli? . . . . . . . . . . . . 47

Awtor hakda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50

# 1

# SIZIŇ DURMUŞYŇYZDAKY IŇ WAJYP ÇÖZGÜT

Wajyp çözgüt? Iň wajyp çözgüt? Haýsy mekdebe gitmelidigi, haýsy käri saýlamalydygy, kim bilen nikalaşmalydygy we nirede ýaşamalydygy baradaky çözgütlerdenem wajyp bolan çözgüt? Hawa! Özem bu çözgüt bakyýete, wagt boýunça tükeniksiz bolan ýaşaýşa degişlidir. Köp adamlar din barada şu günki gün ýa-da öňdäki birnäçe aý, gowy bolanda — pensiýa çykjak wagty pikirlenýär. Ýöne, geliň, has aňyrraga nazar aýlalyň: siz ölümden soňky durmuşa taýýarmy? Men hut şu zat hakda-da gürrüň etmek isleýärin. Adamyň diňe bir etden, gandan, süňkden we myşsalardan ybarat bolan diri organizm däldigini siz bilýärsiňizmi? Adam ruhy jandardyr. Onuň jany bar. Ol bedende ýaşaýar. Adam ölenden soň, onuň bedenini gabyrda goýýarlar. Ol ýerde onuň bedeni çüýreýär-de, topraga öwrülýär. Ýöne adamyň ruhuna—içki «men»-ine, şahsyýetine, aňyna, erkine we emosiýalaryna näme bolýar? Göz bilen görmek mümkin bolmasa-da, hut adamyň ruhunyň özi

hakyky adam bolýandyr. Ruh ölýän däldir. Bakyýetde siziň ruhuňyzyň nirede boljakdygy şu kitaby okap geljek kararyňyza baglydyr.

Dünýäde iki güýç bardyr. Olar: ýagşylyk we ýamanlyk, hakykat we ýalandyr. Ruhy sferada-da iki güýç — Hudaý we şeýtan; Hudaýyň Özüne gulluk etmek üçin ýaradan ýagşylyk perişdeleri, ýagny ruhy jandarlar hem-de erbetlik perişdeler, ýagny arwah-jynlardyrlar.

Erbetlik perişdeler bir wagtlar gowy perişdelerdiler. Ýöne olar soň Hudaýa garşy gozgalaň turuzýarlar. Arhangel Lýusifer (soňrak Beýelzebul diýlip atlandyrylan şeýtan hem iblisdir) şol perişdeleri Hudaýa garşy aýaga galdyrýar. Hudaý hem şeýtany özüniň yzyna eýerenler bilen bilelikde jennetden dowzaha, ýagny Hudaýyň şolar üçin ýörite taýýarlan ýerine taşlaýar (Aýanlyk 12:7-9-a seret). Ýagşylyk perişdeleri bolsa, jennetde Hudaýyň ýanynda galýarlar, dowzah bolsa şeýtanyň we onuň ýany bilen giden perişdeleriň öýi bolýar.

Ýer bilen ýer atmosferasy jennet bilen dowzahyň arasynda ýerleşýändir. Ýagşylyk we erbetlik perişdeleri hemişe ýere gözegçilik edip ýörýärler. Şeýtan bolsa «ýuwdar ýaly adam gözläp», iki ýana alňasaýar (1 Petrus 5:8-e seret). Mukaddes Ruh (Hudaýyň Ruhy) bolsa hem ýerde, hem jennetde aýlanyp ýör.

Onuň gullugy Hudaýyň çagalaryny goramakdan we aman saklamakdan ybaratdyr. Ýöne Mukaddes

Ruh imansyz adamlaryň aladasyny hem edýär. Ol entek Hudaýy kabul etmediklere-de, mesihilik ýoluny saýlamadyklara-da kömek edýär.

*Siz öz saýlawyňyzy etdiňizmi?* Bu çözgüdi siziň ýeriňize hiç kim kabul edýän däldir. Hudaý size azat erki sowgat berdi. Ol sizi Özüni saýlamaklyga mejbur etmez. Ol perişdeleri-de mejbur etmändi. Perişdeleriň hem bir bölegi Hudaýa garşy gozgalaň turzupdylar, emma Hudaý olara ýüreklerine düwen zatlaryny etmekligi gadagan etmändi. *Ýöne bilip goýuň, nädogry saýlaw şol saýlawy eden adamy jeza çekmeklige alyp barýandyr.*

# 2

# SIZ GAÝTADAN DOGULDYŇYZMY?

Gaýtadan dogulmak nämäni aňladýar? Gaýtadan dogulmanyň özeni barada Mukaddes Kitap näme diýýär? Isa Nikodime şeýle diýdi:

> *«...Hakykatdan, saňa dogrusyny aýdýaryn, gaýtadan dogulmadyk adam Hudaýyň Patyşalygyny görüp bilmez» (Ýohanna 3:3). Nikodim: «...Garran adam nädip gaýtadan doglup biler? Ol enesiniň göwresine girip gaýtadan doglup bilermi?» diýip soraýar (Ýohanna 3:3-4).*

Belki, siz hem: “Eger adam eýýäm doglan bolsa, onda ýene doglup bilermi?” diýip şu barada pikir edýänsiňiz? Emma Isa ruhy taýdan dogulmany göz öňünde tutdy. Men ýokarda adamyň ruhdygyny, onda janyň bardygyny we bedende ýaşaýandygyny aýdyp geçipdim. Ýagny siziň bedeniňiz doguldy, janyňyz bilen ruhuňyz bolsa günä sebäpli ölüdir.




*Diagramma: beden, jan, ruh*

Siz özüňizi aýnada görüp, kelläňizi eýläk-beýläk aýlap, elleriňizi we aýaklaryňyzy gymyldadyp bilýärsiňiz. Siz dem alýarsyňyz, diýmek dirisiňiz. Emma siziň ruhuňyz dirimikä? Siziň kalbyňyzda rahatlyk barmy? Siz öz-özüňiz bilen ylalaşykdamy? Siz özüňizi söýýärsiňizmi? Sizde umyt, şatlyk barmy? Elbetde, siz ýüzüňizde ýylgyryş emele getirip bilersiňiz, ýöne ýüregiňizde şatlyk barmy? Siz ölmekden gorkýarsyňyzmy? Şu soraglaryň üstünde oýlanyň.

*Gaýtadan dogulma barada gürrüň edende, Isa içki adamyň, janyň Hudaý üçin janlanmalydygyny,*

*sebäbi «bedenden doglanyň beden bolýandygyny, Ruhdan doglanyň ruh» (Ýohanna 3:6) bolýandygyny düşündirýär.*

Mysal üçin, täze doglan bäbek bedenden doglan beden bolýandyr, Mukaddes Ruh adamyň ruhunyň içine girende bolsa, adamyň ruhy Mukaddes Ruhdan dogulýandyr. Bu hem gaýtadan dogulmakdyr. Şeýlelikde, Mukaddes Ruh adamyň ruhunyň içine girýär — bu gaýtadan dogulmanyň *ýeke-täk usulydyr.*

Ruhy taýdan dogluş hem, edil fiziki dogluş ýaly, diňe ýekeje ýol bilen amala aşýandyr. Adamyň tebigy (fiziki) dogluş prosesi we adatdan daşary (ruhy) dogluş prosesi bardyr. Bu nähili proses? Eger gaýtadan dogulma kararyna gelen bolsaňyz, näme etmeli? Birinjiden, günälidigiňiz sebäpli, ruhy taýdan ölüdigiňizi boýun alyň, «sebäbi hemmeler günä edip, Hudaýyň şöhratyndan mahrum boldular» (Rimliler 3:23). Ýekejede günäsiz adam ýokdur! Özüňiziň günälidigiňizi boýun almakdan gorkmaň.

*«Eger günämiz ýokdur diýsek, (özümizi günäli hasaplamakdan ýüz öwürsek), — onda öz-özümizi aldaýandyrys, bizde (biziň ýüregimizde Injiliň gürrüňini edýän) hakykat ýokdur. Eger günälerimizi boýun alsak (günälidigimizi ykrar etsek), Ol ynamdar adyldyr (Ol häsiýeti boýunça beren wadalaryna wepalydyr). Günälerimizi (kanunsyzlyklarymyzy) öter, bizi her hili ýamanlykdan arassalar». (1 Ýohanna 1:8-9).*

Dostlarym, bu hoş habardyr! Şeýlelikde, gaýtadan dogulma tarap ädilýän *ilkinji ädim:* öz günälidigiňi *boýun almakdyr.* Hawa, hakykat hiç kime-de ýaramaýar. Hakykaty bilmeklik agyr degýär, ýalňyşlyklaryňy boýun almak bolsa agyryly bolýar. Ýöne Hudaý siziň hakykaty bilmegiňizi isleýär, şeýtan bolsa sizi ýalanyň ýesirliginde saklamak isleýär.

*Ikinji ädim: günäleriňize toba ediň.* Toba etmeklik içiňi dökmegi, günäleriňi daşyňa çykaryp aýtmagy we olardan dynma islegini beýan etmegi aňladýar. Günäler siziň içiňizde kök urdy, öňki ýalňyşlyklaryňyz we eden erbet işleriňiz babatdaky gaýgylaryňyz sizi awulykdan doldurýar. Olardan azat boluň, olara Gökdäki Ataňyzyň öňünde toba ediň. Şeýtseňiz, Ol günäleriňizi bagyşlar-da, sizi olardan azat eder we arassalar.

Men dokuz ýaşymda gaýtadan doguldym. Şol wagtky duýan zadym häzirem gowy ýadymda. Şonda edil kimdir biri meniň içimi arassalan ýaly boldy. Men özümi terje, arassa duýupdym. Men içki ýagtylykdan dolan ýaly bolupdym. Duşa ýa-da wanna girip, daşyňy ýuwup bolar, ýöne Isa biziň içimizi arassalap bilýär.

# 3

# ISA KIM?

Men Isany eýýäm birnäçe gezek agzap geçdim, ýöne entek size Ol barada gürrüň bermedim. Isanyň Kimdigini bilmeklik diýseň wajyp zatdyr, sebäbi Kimdigini bilmeseňiz, Onuň bilen dogry gatnaşyklary ýola goýup bilmersiňiz. Isany tanamasaň, gaýtadan dogulmak mümkin däldir.

Men kitabyň başynda siziň öňüňizde wajyp karara gelmekligiň durandygyny aýdypdym. Ýöne öňürti siz Isanyň Kimdigine we Onuň özüňiz üçin näme edendigine düşünmelisiňiz. Şondan soň bolsa, bilen zatlaryňyzy kabul etmelidigini ýa däldigini, muňa ynanmalydygyny ýa däldigini, ýa-da durmuş ýoluňyzy garaňkylykda dowam etdirmelidigini çözersiňiz.

Men size akyl bilen düşünmek kyn bolan bir zady gürrüň bermekçi **bolýaryn,** ýöne muňa ýüregiňiz bilen ynanyň. Şeýlelikde, haýran galdyryjy, ýöne hakyky wakany diňlemäge taýýarlanyň. Onuň öz durmuşyňyzy hemişelik üýtgetmegi mümkindir.

Gelip çykyş kitabynyň birinji we ikinji baplarynda Hudaýyň ilki bilen adamy ýaradandygy we ony Adam diýip atlandyrandygy barada gürrüň berilýär. Hudaý onuň bedenini ýeriň topragyndan ýaratdy we oňa Özüniň

ýaşaýşyny we Öz Ruhuny üfledi welin, Adam diri jan bolaýdy. Başga sözler bilen aýtsak, Hudaý adamyň içine Özüniň bir bölegini üfländen soň diri boldy (Gelip çykyş 1:26-a seret). Ol Hudaýa kybapdaş bolupdyr, Hudaýyň tebigatyna we häsiýetine eýe bolupdyr hem-de Reb kimin dogry bolupdyr. Adamda ýekeje şek hem ýokdy. Ol Reb bilen gürleşip bilýärdi, sebäbi Reb ýalydy.

Mukaddes Kitapda ýagtylygyň bolan ýerinde garaňkylygyň bolmajakdygy aýdylýar. Hudaý bilen Adam ýagtylykdy, şonuň üçin olar bir ýerde bolup bilýärdiler. *Hudaýyň ýanynda bolmak Adam üçin gowudy we asudady.*

### *HUDAÝ BILEN BOLMAK SIZE ÝARAÝARMY?*

Adamda azat saýlaw etme hukugy bardy. Hudaý oňa näme etse bolýandygyny, nämäni etmeli däldigini aýdýar, ýöne oňa özüniň saýlaw etmegine mümkinçilik berýär. Adam dogrudy, ýöne şonuň ýalylygyna galmak üçin ol *hemişe* Hudaýyň ýoluny saýlamalydy.

Hudaý Adamyň kömekçä mätäçdigine düşünýär, şonuň üçin onuň üstüne agyr uky iberýär-de, gapyrgasynyň birini alyp, gapyrganyň alnan ýerini et bilen örtýär (Gelip çykyş 2:21-22). Hudaý Adamyň gapdalyndan aýal ýaratdy. Ol aýalyň Adamyň ýanynda bolup, oňa kömek etmegi üçin şeýle etdi. Üns beriň, Hudaý Adamyň aýaldan ýokary bolmagy üçin aýaly onuň aýagyndan alyp ýaratmady.

Hudaý aýal Adamdan ýokary bolmagy üçin ony Adamyň kellesinden alyp ýaratmady. Aýal Adam bilen durmuşda *egin-egne berip* ýöreýän dost hökmünde bolmagy üçin onuň *gapdalyndan* alnyp ýaradyldy.

Şeýdip, Hudaýyň ýörite özleri üçin ýaradan ýerdäki jennetinde, ajaýyp bagynda ýaşaýan jübüt peýda boldy. Reb, gürrüňsiz, olaryň durmuşdan lezzet almagyny isledi.

### *SIZ DURMUŞDAN LEZZET ALÝARSYŇYZMY?*

Başga bir diýseň ýakymsyz bolan ýaradylyş şeýtandy. Ol öwgi aýdylýan we sežde edilýän perişdesi bolmak isläp, Hudaýa tabyn bolmandygy we Ondan ýokary bolmak isländigi üçin jennetden kowlup, Hudaýyň ilkibaşdaky maksadyny bozýar.

Lýusifer öz tagtyny Hudaýyň tagtyndan beýikde goýjakdygyny aýdýar, şonuň üçin Hudaý Lýusiferi we gozgalaňy goldan beýleki perişdeleri jennetden aşaga zyňýar. Dowzah hut şolar üçin hem ýaradylýar, ýöne Hudaý şeýtana we arwah-jynlara ýer atmosferasyna barmaklyga rugsat berýär.

Reb şeýtan bilen onuň perişdeleriniň dowzaha ebedi salynjak wagtyny bireýýäm belledi, ýöne şeýtanda ýerde bolmaga mümkinçiligi bar, sebäbi adamlar entegem kime gulluk etmelidigini *saýlaýarlar.* Saýlaw etmek üçin, birden köp teklipli bolmalydyr.

Hudaý ýaşaýyş, parahatlyk, ýagtylyk, şatlyk, iman,

dogrulyk, umyt we başga-da köp gowy zatlary teklip edýär. Şeýtan bolsa ölüm we garaňkylyk, lapykeçlik, sustupeslik, boşluk, gorky, birahatlyk we her hili erbetligi teklip edýär.

Häzir men bu zatlary ýazyp otyrkam, *näme üçin köpler* şeýtany we onuň ýoluny saýlaýarka diýip pikirlenýärin. Köp adamlar aldawa düşdi. Olar bilmeýändikleri sebäpli, nädogry ýoly saýlaýarkalar: «Meniň halkym bilimsizlikden weýran edilýär...» (Hoşeýa 4:6). Belki, sizde bolmalysy ýaly saýlaw eder ýaly derejede bilim ýokdur. Men ýene-de müňlerçe adamlara zerur bolan bilimi alyp, dogry saýlaw eder diýen umyt bilen şu hakykaty size ýetirmäge synanyşaýyn.

Taryhymyzy dowam etdireliň. Adam bilen How (Adam ony şeýle atlandyrdy) bagdaky durmuşdan lezzet alýardylar. Hudaý olara ýeri ynandy. Hudaý olara näme etmek bolýandygyny we näme etmek bolmaýandygyny düşündirýär, ýöne ýadyňyza salyň, olarda saýlama hukugy bardy. Reb olara özlerinden nähili hereketlere garaşýandygyny, nädip ak pata alyp biljekdiklerini aýtdy, emma olary hiç zada *mejbur etmedi.*

Hudaý Adam bilen How hemme agaçlaryň miwelerinden isledigiçe iýer ýaly, bagda köp dürli miweli agaçlary oturtdy. Emma bir agajyň, ýagny "ýagşylygy we ýamanlygy bilme" agajynyň miwesinden iýmegi gadagan etdi (Gelip çykyş 2:17). Belki, siz: "Reb näme

üçin ol ýerde miwesinden iýmegi gadagan eden agajyny oturtdyka?” diýip geň galýansyňyz. Ýatda saklaň, saýlaw etmek üçin saýlar ýaly zat bolmalydyr. Adam bilen Howda Hudaýa boýun bolmaga ýa-da Oňa gulak asmazlyga mümkinçilik bardy.

Reb olardan söýgi bilen diýen edijilige garaşdy. Diýen edijilik — bu söýginiň miwesidir. Eger Hudaýa tabyn bolmak karary şahsy saýlawyň netijesi hökmünde meýletin kabul edilmese, onda munuň ýaly saýlawyň Hudaý üçin hiç hili ähmiýeti ýokdur.

Eger sizi başga ýol goýman, mejbur edýändigiňiz üçin söýseler, siz bagtly bolarmydyňyz? Hudaý adama azat erk berdi. Ol oňa wajyp kararlary özüniň kabul etmegine mümkinçilik berdi. Sizde saýlamaga hukugyňyz, azat erk bardyr, şonuň üçin hem siziň öňüňizde kabul etmesi gerek bolan örän wajyp karar durandyr.

Şeýlelikde, gürrüňimizi dowam etdirýäris. Adamdyr How Hudaý bilen, biri-biri bilen gatnaşyga şatlanýardylar, durmuşdan, bagdan, datly miwelerden, garaz, Hudaýyň ýaradan ähli zatlaryndan lezzet alýardylar. Ine-de, şeýtan Howuň ýanyna ýylan görnüşinde gelýär. Ol ýylandan edil biziň şu gün gorkuşymyz ýaly gorkýar. Ol wagtlarda ýylanlar howply jandar däldi, ýöne şeýtan Howuň ýanyna barmak üçin ýylanyň keşbini alýar. Ol Howa ony haýran galdyran we pikirlenmäge mejbur eden soraglary berip başlaýar. “Näme üçin Hudaý ýagşylygy we ýamanlygy

bilme agajynyň miwesinden iýmegi gadagan etdi? Hudaý dogrudanam, siziň ýamanlyk barada nämedir bir zat bilmegiňizi islemeýärmi?” (2 Korintoslylar 10:4-5 laýyklykda şunuň ýaly pikirler Hudaýy çyn ýürekden tanamaklygyň garşysyna aýaga galýandyr). Ýöne ýatda saklaň, Adam bilen Howda saýlama hukugy bardy.

Eger ýagşylygy we ýamanlygy bilme agajynyň miwesinden iýse, onuň *hökman öljekdigini* Hudaý Adama duýdurýar (Gelip çykyş 2:17-ä seret). Hudaý şonda onuň fiziki däl-de, ruhy taýdan öli boljakdygyny, ondaky ýaşaýşyň öçjekdigini we oňa garaňkylygyň geljekdigini göz öňünde tutýar.

Öňräk Deýw ikimiz bir adam bilen gürrüňdeş bolduk. Ol operasiýa etdirmelidi, şol sebäpli-de, özüniň öläýmeginiň mümkindigini bilýärdi, şonuň üçin ol Reb bilen ýaraşyp, günälerine bagyşlama almak isleýär. Ol özüniň köp günä edendigini, şoňa görä-de, içinde ölümi duýýandygyny gürrüň berdi.

Munuň üstünde pikirlenip görüň. Ol operasiýa stolunyň üstünde öläýmeginiň mümkindigi üçin gaýtadan dogulmak isleýär. Emma ol aslyýetinde hemişe-de (ruhy taýdan) öli bolupdy. Muny onuň özi öz dili bilen aýtdy.

## *SIZ DIRIMI ÝA-DA ÖLI?*

Ýylan Howa ýalan sözläp: “Siz ölmersiňiz” (Gelip çykyş 3:4-e seret) diýdi. Şeýtanyň aýdan sözleri Hudaýyň

aýdan zatlaryna *garşy bolýar,* soňundan hem ýalan bolup çykýar. Hudaýyň sözleri hakykatdyr. Şeýtanyň häsiýeti owal-başdan başlap görnüp gelýärdi: ol Hudaýyň doly garşydaş şekilidi. Reb sizde hemme gowy zatlaryň bolmagyny isleýär. Şeýtan bolsa sizi mekirlik hem aldaw bilen ýok etmek isleýär. Howda ýüze çykan ýagdaýda-da ol edil şonuň ýaly hereket edýär.

Howy şeýtan ýalňyşdyrýar: ol Howa ýalan sözleýär we ony Hudaýyň garşysyna bolan pikirlenmelere iteklejek bolup, oňa soraglar berýär. How şeýtanyň maslahatyna eýerýär we ärini-de şonuň ýaly etmeklige yrýar.

Olaryň ikisi-de, Hudaýyň gadagan eden miwesinden iýip, Hudaýyň diýeninden çykýarlar. Munuň netijesi Hudaýyň öňünden aýdyp duýduryşy ýaly boldy — olar ruhy taýdan öli boldular.

Köp wagt geçmänkä, Hudaý Adam bilen Howuň ýanyna baga gelýär, emma olar Ondan gizlenýärler, sebäbi gorkýarlar.

## *SIZ HUDAÝDAN GIZLENÝÄRMISIŇIZ?*

Hudaý olaryň gorkandygyna düşünýär. Ol olaryň şeýtanyň ýalanyna ynanyp, günä edendiklerini bilýär. Olar synaga ýan berdiler-de, öz saýlawynyň miwesini aldylar. Gorky — günäniň miwesidir.

*NÄDOGRY SAÝLAW AJY HASYL GETIRÝÄNDIR*

Hudaý olara günäniň netijeleri barada aýdyp başlaýar, ýöne Onda eýýäm olary halas etmek we öz-özleriniň başyny sokan hasratyndan azat etmek meýilnamasy bardy. Hudaý ýylana nesliň (aýalyň tohumynyň) öz kellesini mynjyratjakdygyny, onuň (şeýtanyň) bolsa, nesliň topugyndan çakjakdygyny aýdýar (Gelip çykyş 3:15). Şonda Hudaý hemişe bar bolan Özüniň ýeke-täk Ogly Isa hakda gürrüň edýär. Hudaý Üçbirlikdir: Hudaý üç — Ata, Ogul, Mukaddes Ruh — Şahsyýetdedir. Hudaýyň Mukaddes Şahsyýetleriniň her biri-de biziň durmuşymyzda wajyp roly oýnaýandyr.

Isa adamyň öz düşen juda erbet ýagdaýyndan çykmagyna kömek etmek üçin geldi. Ol adam keşbini alyp, edil biz ýaly boldy. Ol adam bolmak bilen Özüni kiçeltdi, kemsitdi. Isa — bu Hudaýyň Özi we Hudaýyň Ogludyr. Başga sözler bilen aýtsak, *hakyky Hudaý hakyky Hudaýdandyr.* Ol Hak Alla bolupdy we häzirem Hak Alladyr.

Bu meýilnama Hudaý tarapyndan bellenilen wagt gelende amala aşyryldy. Efesliler 3:10 Hudaýyň Ýygnagyň[1] üsti bilen Hudaýyň akyldarlygynyň (Onuň köptaraply, çäksiz akyldarlygynyň) we beýikliginiň garaňkylygyň başlyklaryna we hökümdarlaryna — arwah-jyn ruhlaryna we olaryň hökümdaryna, ýagny şeýtana aýan bolmagyndan ybarat bolan niýetiniň bardygyny

1 Ýygnak bina däldir. Ol ähli döwürlerde ýaşan gaýtadan doglanlardyr

açýar. Has takygyny aýtsak, biz *şeýtan bilen Hudaýyň arasyndaky uruşdadyrys!* Bu uruşda ýeňiş, gürrüňsiz, Hudaýyň tarapyndadyr. Bu hemişe-de şunuň ýaly bolupdy, bolup hem dur we bolaram. Ýeňiji Rebdir.

## *SIZ KIMIŇ TARAPYNDA?*

Eger siz şeýtanyň ýalanyna ynansaňyz, ýeňlişe sezewar bolarsyňyz. Ýeňijiler komandasy Hudaýyň ýanyndadyr. Hudaýyň maksady Özüni söýýän gaýtadan doglanlaryň, Özüne tabyn bolup, höwes bilen gulluk edýänleriň üsti bilen şeýtany we onuň tutus arwah-jynlar goşunlarynyň hemmesini ýeňmekden ybaratdyr. Hudaýyň özümizi bu urşa goşandygyna haýran galyp oturmaň. Hudaý Adama bütin ýeriň üstünden hökümdarlyk beripdi, emma şeýtan Adamy aldap, onuň elinden şol ygtyýary alypdy. Has takygy Adamyň özi ýalana ynanyp, ony şeýtana beripdi. Hudaý şol ygtyýary şeýtanyň elinden alyp, ony Adama bermegi kanuna laýyk däl hasaplady, şonuň üçin hem Hudaý, ine, näme etdi: Ol *adama şeýtanyň özünden ogurlap alan zadyny gaýtaryp almaga mümkinçilik berdi.*

## *ISA – HUDAÝYŇ MEÝILNAMASYNYŇ ESASY SÜTÜNIDIR*

Geliň, gürrüňi Gelip çykyş kitabynyň üçünji babyndan dowam etdireliň. Ol ýerde Hudaý ýylana öz kellesiniň mynjyradyljakdygyny (ygtyýarynyň çym-pytrak ediljekdi-

gini) aýdýar. Hudaý boljak zatlar barada öňünden aýtdy, Hudaýyň aýdan zatlary bolsa, hökman ýerine ýetýändir.

Ýöne bu zatlar bolýança, iki müň ýyl geçdi. Bu döwrüň dowamynda adamlaryň sany-da köpeldi. Günä köpeldi, hasrat köpeldi. Adam günäli, etmişli boldy-da, gaýdyp Hudaý bilen aragatnaşykda bolup bilmedi. Günä onuň tebigatynyň bir bölegi boldy. Adam bilgeşleýin günä etmäge çalyşmady, bu onuň üçin tebigy ýaşaýyş obrazy boldy. Her bir täze doglan bäbek eýýäm günäli bedenli bolup dogulýar.[2]

Çagalar özleriniň hem Hudaýyň öňünde günälidiklerine akyl ýetirip başlaýançalar, günäleri üçin jogapkärçilik çekmeýärler. Muňa akyl ýetirip başlanlaryndan son bolsa, olar Hudaýy saýlamalydygyny ýa-da Ony ret etmelidigini çözmelidirler. Her bir adamda-da günäli tebigat bardyr. Biz ony doglanymyzda alýarys. Öz günälerimize akyl ýetirip başlanymyzda bolsa, günälerimiz üçin jogapkärçilik çekip başlaýarys.

## *KANUN*

Hudaý adamlary örän gowy görýär. Ol Özüni saýlanlar, Özüni söýýänler we Özüne gulluk etmek isleýänler bilen ýakynlaşmaga mümkinçilik berýän meýilnamany işläp düzdi. Adam günä etmek bilen ruhy taýdan öldi. Ol

2 Adam bedeni — bu adamyň jany we tenidir.

gaýdyp Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolup bilmedi. Hudaý Ruhdur, şonuň üçin biz Onuň bilen ruhda gürleşip bilýäris. Mundan başga-da, Hudaý nurdur. Adam günä edenden soň, doly garaňkylyga düşdi, şol sebäpli-de, Hudaý bilen adamyň arasyndaky gatnaşyk, ylalaşyk, birlik, aragatnaşyk weýran boldy. Olaryň arasynda günäniň diwary ör boýuna galdy.

Hudaý kanun, ýagny adamyň ýerine ýetirmeli bolan düzgünler we buýruklar ulgamyny düzdi. Eger adam Hudaýyň göwnünden turmak üçin ýeterlik derejede dogry hem mukaddes bolmak islese, şolary ýerine ýetirmelidi. Kanun kämildi, mukaddesdi we adalatlydy. Ol dogry bolmak üçin adamyň nämeler etmelidigini anyk kesgitleýärdi. Adam günä etmezinden öň Hudaýyň nämäni isleýändigini, nämäni islemeýändigini instinktiw bilýärdi. Olar Ruhda, pikirde, duýguda we maksatda birdiler. Adam günä edenden son, Hudaýyň erkine bolan duýgurlygyny ýitirdi. Munuň sebäbi günä we günäniň netijesi bolupdy. Adam indi öz ýüreginiň sesine diň salyp, Hudaýyň erkini ýerine ýetirip bilmedi, şonuň üçin hem kanun ýazmak gerek boldy. Adam öz güýji bilen Hudaýyň göwnünden turmaga synanyşdy, emma tutus kanuny ýerine ýetirmäge güýji ýetmeýän bolup çykdy, sebäbi kämil bolmagyny bes edipdi we indi ýerde ýaşap ýörkä, hiç haçan hem şonuň ýaly bolup bilmeýär.

Hudaýyň kanuny eger adam ýekeje bir zatda kanuny bozsa, onda onuň tutus kanunda günäli bolýandygyny

aýdýar (Ýakup 2:10). Kanun kämildi, şol sebäpli-de, ony dolulygyna ýerine ýetirmek üçin adam çirksiz bolmalydy.

## *GURBANLYKLAR*

Adamlar näçe jan etseler-de, tutus kanuny ýerine ýetirmeklik olara başartmandyr. Şonuň üçin Hudaý öz ýalňyşlyklaryny we şowsuzlyklaryny düzeder ýaly, gurban getirmek ulgamyny ýola goýdy. Bular ganly gurbanlyklardylar, ýagny gan dökülip berilýän gurbanlyklardy. Munuň gaty eýmenç eşidilýän bolmagy mümkin, ýöne munuň aňyrsynda duran sebäp hemme zady düşündirýär. Hudaý Adamyň içine ýaşaýyş demini üflände, ol diri jan bolupdy we gany pulsirläp, gan damarlarynda aýlanyp başlapdy. Mukaddes Kitap: “Bedeniň jany gandadyr” (Lewiler 17:11) diýýär. Gan aýlanyşsyz ýaşamak mümkin däldir. Gan akymyny saklasaň, ýaşaýyş hem saklanýandyr.

Adam bilen How şeýtanyň alyna ten berip günä edenlerinde, günä olara ölüm (Rimliler 5:12) we ölümi janlandyrýan keseli, garyplygy, urşy, gahary, husytlygy, göripçiligi alyp geldi. *Ölümi ýeňýän ýeke-täk zat — bu ýaşaýyşdyr.*

Kanuny bozmaklyk we günä ölümi alamatlandyrypdyr. Günäni diňe gan dökülip berlen gurbanlyk ýuwup bilipdir, sebäbi ýaşaýyş ganda jemlenipdi (Lewiler 17:11).

Hudaýyň munuň ýaly meýilnamany kesgitlemeginiň

ýene bir sebäbi, halas etmek meýilnamasynyň Öz bellän wagtynda ýerine ýetmeginde jemlenipdi. Hudaý pygamberleriň üsti bilen Mesihiň, ýagny adamlary günälerinden gutarjak Halasgäriň, Ýalkaýjynyň geljegini habar beripdi. Hudaý bolsa hemişe aýdan zadyny ýerine ýetirýändir.

Mesih gutarnykly, kämil gurbanlyk: Hudaýyň çirksiz, kämil gurban guzusy bolmalydy. Adamlaryň indi bigünä guzulary gurban getirmegi hökman däldi. Isa gelip, kanunyň soňuna nokat goýmaly bolan gutarnykly gurbanlyk bolmalydy.

Şonuň ýaly pygamberlikleriň birini getirýärin:

*«Ol äsgerilmedi, ynsanlar Ony ret etdi (inkär etdi),*

*Ol dertli (görgini), hassalygy (betbagtçylygy) bilýän adamdy; adamlar Ondan ýüzlerini öwürdiler,*

*Ol äsgerilmedi, biz Ony hiç zatça görmedik (gadryny bilmedik). Ol (hakykatdan) biziň hassalygymyzy (betbagtçylygymyzy, ejizliklerimizi, jebirlerimizi) Öz üstüne aldy, biziň dertlerimizi (gaýgylarymyzy we jezalarymyzy) çekdi; biz bolsa (bilmän) Ol Hudaý tarapyndan (edil heýwere keseli bilen) jezalandyrylyp, urlup, ejir çekendir diýip pikir etdik.*

*Emma Ol biziň ýazyklarymyz (günälerimiz) üçin ýaralandy, biziň etmişlerimiz (kanunsyzlyklarymyz) üçin ezýet çekdi; rahatlygymyz üçin berlen jeza (biziň çekmeli bolan jezamyz) Onuň başyna geldi,*

*Onuň (Özüne agyry beren) ýaralary bilen biz şypa tapdyk. Biziň ählimiz edil goýun ýaly azaşdyk;*
*herimiz öz ýolumyz bilen gitdik,*
*Reb ählimiziň etmişimizi Oňa ýükledi.*

*Oňa sütem edildi, Ol ejir çekdi,*
*emma şonda-da agzyny açmady.*
*Soýulmaga äkidilip barýan guzy dek (tabyn boldy),*
*gyrkymçynyň öňündäki sessiz goýun dek,*
*Ol-da agzyny açmady». (Işaýa 53:3-7)*

Pygamberlikler aýdyldy. Adamlar Mesihe, Halasgäre we Ýalkaýja garaşýarlar. Olaryň garaşýan zadyna anyk düşünendiklerine men ynanmaýaryn. Olar geljek Mesihiň özlerini kanundan azat etjekdigine, özleriniň indi Hudaýyň göwnünden turjak bolup, biderek ýere eden birgiden işleri etmeli bolmajakdyklaryna düşünmediler. Olar Isanyň — Mesihiň, dünýäniň Halasgäriniň Öz janyny meýletin berjekdigine, Onuň Ganynyň *haçdan çeşme kimin akyp, her bir nesliň ähli günäsini ýuwjakdygyna* düşünmediler.[3] Olar garaşdylar, ýöne nämä garaşýandyklaryna anyk düşünmediler.

## *ISA GELÝÄR*

Ine, Hudaýyň bellän wagty geldi. Mukaddes Ruh ýaşajyk gyz Merýeme görünýär we ol Hudaýyň gudratly güýji bilen Isa, Hudaýyň Ogluna göwreli bolýar. Göwreli bolmaklyk adatdan daşary usul bilen bolup geçýär.

Isa hemişe-de bardy. Ol Hudaýyň ýanynda ilkibaşdan bäri-de bardy. Emma indi Ol durmuşy şeýle tertipsizlikde bolan, Halasgärsiz öz başyny çarap bilmejek adamlara kömek etmek üçin adama öwrülmelidi.

Isa Hudaýyň Sözüdir. Hudaýyň Sözi hem jan-ten bolup, adamlaryň arasynda mekan tutdy (Ýohanna 1:1, 14). Isa biziň ejizliklerimize we kemçiliklerimize düşünýän Baş Ruhanymyz boldy, sebäbi Ol ýerde ýaşanda, edil biz ýaly synaga salyndy, ýöne *günä etmedi* (Ýewreýler 4:15). Dostlarym, bu göze görnüp duran tapawudy aýdyňlaşdyryň.

Isa Hudaýa tabyn bolýardy. Ol durşuna Atasy bilen baglanyşyklydy. Ol Adamyň günä etmezden ozal Hudaý bilen bir bolşy ýaly, Atasy bilen birdi. Mukaddes Kitap Isany ikinji Adam diýip atlandyrýar (1 Korintoslylar 15:45,47). Rimliler 5:12-21-de bir adamyň (Adamyň) günäsiniň beýleki adamlara geçişi ýaly, başga bir adamyň (Isanyň) dogrulygynyň hemmeleri Hudaýyň öňünde dogry edip bilýändigini aýdýar.

Adamyň günäsi adamlara nesilme-nesil geçýär. *Eger siz özüňiziň günälidigiňizi boýun alsaňyz,* onda ikinji Adam, Isa sizi aklar. Birinji Adam Hudaý bilen gatnaşykda boldy, Hudaýyň ýaşaýşyndan doldy, ýöne günä edip, tümlüge batdy, ondaky içki nur söndi.

## *SİZ NÄME GÖTERİP ÝÖRSÜŇİZ: NURMY ÝA-DA TÜMLÜK?*

Isa Hudaýdyr, ýöne Ol ýere aýal tarapyndan doglan adam bolup geldi. Adam günä etdi. Isa bolsa hiç haçan hem günä etmedi — Ol günä üçin hödürlenilen kämil gurbanlyk boldy. Köne Äht döwründe adamlar günä üçin yzygiderli gurbanlyk bermeli bolýardylar, ýöne olaryň günäleri barybir ýuwulmandyr.

## *SIZ EÝÝÄM BAGYŞLANDYŇYZMY WE HUDAÝYŇ ÖŇÜNDE PÄKMISIŇIZ ÝA-DA ENTEGEM GÜNÄKÄRLIGIŇIZE WE HAPALYGYŇYZA ÝÖRMÜSIŇIZ?*

Isa Hudaýyň bütin dünýäniň günäsini Öz üstüne alan gurbanlyk günäsidir:

*«Her bir ruhany (adam) günuzyn (sypanyň ýanynda) durup, gulluk edip, (biziň durmuşymyzyň diňe bir ulgamyndaky däl-de, hemme ulgamyndaky hem daşymyzy gurşap alan) günäleri asla ýuwup (aýryp) bilmeýän şol bir gurbanlyklary öwran-öwran hödürleýär. Emma Mesih (biziň) günäleriň deregine hemişelik üçin (halas edip biljek) diňe bir gurban hödürländen soňra, Hudaýyň sagynda oturdy. Şondan bäri hem duşmanlarynyň Öz aýaklarynyň astyna basgançak edilmegine*

*garaşýar. Çünki mukaddes edilenleri (mukaddes we dogry adam edenlerini) diňe bir gurban bilen hemişelik kämillige ýetirdi (päkledi)». (Ýewreýler 10:11-14).*

Köne Äht ruhanylary adamlaryň günäleri üçin gurbanlyk getirýärdiler. Olar dogry adam bolmaga jan edip, bu işi gaýta-gaýta etmeli bolýardylar. Ýöne munuň ýaly bolmaklyk olara başartmady — olar öňküleri ýaly ýalňyşdylar. Ýöne Isa Özüni biziň günälerimiz üçin bir gezekde hemişelik kämil gurban etdi. Ol kanuny soňuna çenli ýerine ýetirdi. *Indi bolsa Onuň ýeňşi Özüne iman eden we Öz gurbanlygyny kabul eden her bir adam üçin elýeterdir.*

# 4

# NÄMÄ YNANMALY?

Isanyň Mukaddes Kitabyň gürrüň edýän zatlaryny ýerine ýetirendigine ynanyň. Onuň hakykatdan hem Hudaýyň päk gyzdan doglan Ogludygyna ynanyň. Ol adamlaryň günäsini Öz üstüne aldy, gurbanlyk boldy, haçda öldi we öz günälerimiz sebäpli, bizin gitmeli ýerimiz bolan dowzaha gitdi. Ol muny biziň üçin etdi. Özem muny meýletin etdi, sebäbi Ol Öz Atasyny (Hudaýy) söýýär, sebäbi Atasy bilen Isa adamlary şeýle güýçli söýýärler welin, olary günäniň gulçulygyndan halas edip, hakykat ýoluna gaýtaryp getirmek üçin hemme zady-da etmäge taýýardylar. Isa biziň günälerimiz üçin diýseň *gymmat töleg töledi* hem-de biziň deregimize dowzaha gitdi. Üçülenji güni bolsa ölümden direldi.

Ruhy sferada bu zatlar takmynan şunuň ýalyrak bolup geçdi: Hudaý Öz tagtyndan turup, Özüniň bigünä Ogluna jebir çekdirýän gara güýçlere: «Goýberiň Ony!» diýip buýruk berdi. Soň Gudratygüýçli Hudaýyň ölümden direldiji güýji dowzahyň içinden geçip, Isany doldurdy. Şol pursatda Onuň gabry nurdan doldy, sebäbi Hudaýyň

güýji Isanyň bedenini dolduryp, Ony ölümden direltdi. Isa *gaýtadan doglan ilkinji adam boldy.* Mukaddes Kitap Ony «köp doganlaryň arasynda ilkinji doglan» (Rimliler 8:29) diýip atlandyrýar. Ol indi siziň hem gaýtadan doglup, «köp doganlaryň» biri bolmagyňyz üçin ilkinji boldy.

## *HAÇDA NÄME BOLDY?*

Adam günä etdi, şonuň üçin Hudaý ony terk etdi. Günä adam bilen Hudaýyň arasynda diwar emele getirdi. Isa biziň günälerimizi Öz üstüne almak bilen bizi halas etmek üçin haça gitdi. Hudaý hem günä çydam edip bilmeýändigi sebäpli, Isadan ýüz öwürdi. Isa Atasynyň Özüni terk etjegini bilse-de, barybir biziň we ähli adamlaryň günälerini Öz üstüne aldy. Ol haçda duran ýerinde: «Atam, Atam! Näme üçin meni terk etdiň?» diýip ýüzlenýär (Matta 27:46 seret. — *awtoryň gürrüňi).* Isa bu zatlaryň bolmalydygyny bilýärdi, ýöne çyn ýüreginden söýýän Atasy bilen aýrylyşmanyň eýmençligi Onuň pikir edişinden has güýçli boldy, şonuň üçin bu ýagdaý Isanyň gygyrmagyna sebäp boldy. Ol Öz Ruhuny Atasyna berip öldi. Onuň bedenini gabyrda jaýlaýarlar, ýöne Ruhy welin, biziň gitmeli bolan ýerimiz bolan dowzaha gitdi.

Ýatda saklaň, men kitabyň başynda adamyň diňe bedeniniň ölýändigini, jany bilen ruhunyň bolsa jennete ýa-da dowzaha gidýändigini aýdypdym. Eger bütin

ýüregiňiz bilen Isanyň öz deregiňize dowzaha gidendigine ynanmasaňyz, jennete barmarsyňyz. ***Ol siziň deregiňize haça gidip, özüňiziň mynasyp bolan jezalaryňyzy aldy.*** Onuň muny etmeginiň sebäbi, Ol sizi örän gowy görýär:

*«Çünki Hudaý dünýäni köp söýýänligi üçin Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň ýekeje Ogluny berdi» (Ýohanna 3:16).*

Isa *siziň* üçin öldi. *Siziň* günäleriňiz üçin töleg töledi. *Siziň deregiňize* aşak dowzaha düşdi. Bergi doly tölenilenden soň bolsa, Atasy Ony ölümden direltdi. Ýöne şol pursata çenli Isa ýesirlikdäki janlara wagyz edip, adamlaryň günälerini bagyşlap we dowzahyň güýjüni ýeňip, üç günüň dowamynda dowzahda boldy. Onda bu dowzahyň açary bardy, şonuň üçin Ol onuň üstünden ýeňiş gazandy. Üçülenji güni bolsa ölümden direlip, soň göge alyndy. Onuň bigünä gany adam günälerine töleg bolmak üçin döküldi, sebäbi ýaşaýyş gandadyr (Lewiler 17:11).

### *SIZ ÝENE NÄMÄ YNANMALY?*

*Onuň bu zatlary hut özüňiz üçin edendigine ynanyň.* Akyl bilen bu zatlara düşünip bolmaýar, şonuň üçin muňa bütin ýüregiňiz bilen ynanyň.

Rimliler 10:9-da eger Isanyň Rebdigini agzyňyz bilen ykrar etseňiz we Ony Hudaýyň ölümden direldendigine

ýüregiňiz bilen ynansaňyz, onda gutuljakdygyňyz (gaýtadan doguljakdygyňyz) aýdylýar.

Eger siz meniň özüňize gürrüň berýän zatlaryma ynansaňyz we Isany kabul etmek isleseňiz, onda: «Men Isanyň Hudaýyň Ogludygyna ynanýaryn. Men Onuň özüm üçin ölendigine we Hudaýyň Ony ölümden direldendigine ynanýaryn» diýiň.

Eger adam bütin ýüregi bilen ynansa, onda aklanma alýar (Rimliler 10:10). *“Aklanma”* sözi arassalanmagy, Hudaýyň öňünde dogry bolmaklygy aňladýar. Siz Isany kabul edeniňizden soň, Hudaý sizi hiç haçan günä etmedik adam hasaplaýar.

Sizi Hudaýyň öňünde ýagşy işleriň mukdary aklamaýar. Ýygnaga gatnamaklyk hem sizi dogry adam etmeýär. Siz Isa Mesihe bolan imanyňyzyň arkasyndan dogry adam bolýarsyňyz. Şondan soň ýüregiňiziň üýtgändigininiň alamaty hökmünde ýagşy işler edilýär. Ilki bilen ýüregiňiziň dogry bolmagy gerek. Munuň üçin bolsa, bütin ýüregiňiz bilen ynanmagyňyz gerek.

Agzyňyz bilen özüňiziň halas bolandygyňyzy ykrar edip, öz gutulyşyňyzy tassyklaýarsyňyz (Rimliler 10:10). *Tassyklamaklyk berkitmegi* aňladýar.[3] Siz özüňiziň ynanýandygyňyzy aýtmak bilen öz gutulyşyňyzy berkidýärsiňiz.

---

3 W.E. Wine, Täze Äht sözleriniň açyk sözlügi (Köne Tappan, Nýu Jersi: Fleming H. Rewell kompaniýasy, 1940), s. 226.

*Netijeleri jemleýäris:*

Gaýtadan dogulmak üçin siz aşakylara ynanmalysyňyz:

- Hudaý bardyr (Gelip çykyş 1:1; Ýewreýler 11:6).
- Isa Hudaýyň päk gyzdan doglan Ogludyr (Matta 1:18, 23).
- Isa Hudaýdyr, Ol — Üçbirlikdäki Hudaýlygyň, Üçbirligiň Şahsyýetleriniň Biridir (Kolosiýalylar 2:9-10; Ýewreýler 1:5-8).
- Ol adama öwrülip, ýere adamlary halas etmek üçin geldi (Ýohanna 1:1,14; Luka 4:18-21),
- Ol biziň günälerimiziň hemmesini aldy we olary haça alyp gitdi (Işaýa 53:4-5; 2 Korintoslylar 5:21).
- Ol siziň günäleriňiz üçin öldi (Ýewreýler 2:9).
- Ol siziň deregiňize dowzaha gitdi-de, şeýtany ýeňdi (Resullaryň işleri 2:31).
- Ol üçülenji güni ölümden direldi (Luka 24:1-7; Resullaryň işleri 2:32)
- Indi Ol göklerde Atasynyň sag tarapynda otyr (Ýewreýler 10:12). Ol Özüne iman eden her bir ynsany aklaýar (Rimliler 10:13; Ýohanna 1:12).
- Ol sizde (siziň ruhuňyzda) ýaşamak üçin Mukaddes Ruhuň güýjünde we barlygynda gelýär. Şunuň ýaly etmek bilen sizi Hudaý üçin direldýär (Rimliler 8:14-16).[4]

---

4 Bellik: şu aýatlary Mukaddes Kitapdan okamaklygy maslahat berýärin. Goý, Hudaýyň Sözi siziň bu zatlara gözüňizi açsyn

## *GAÝTADAN DOGULMAKLYK, DIÝMEK:*

- Özüňiziň günäkärdigiňizi we Halasgäre mätäçdigiňizi boýun almakdyr (Rimliler 3:23-24);
- Günäleriňize Hudaýyň öňünde toba etmekdir (1 Ýohanna 1:9);
- Toba gelmek, günä etmegi bes etmek we Reb bilen täze durmuşa başlamak (Resullaryň işleri 3:19).

## *GELIŇ, HUDAÝA DOGA EDELIŇ*

Ýakup 4:2-de sizde ýokdugy, sebäbi soramaýandygyňyz aýdylýar. *Isany öz durmuşyňyza çagyryň, Ondan öz günäleriňizi bagyşlamagyny haýyş ediň.* Ol sizi bagyşlar we sizde ýaşamak üçin geler

Ol siziň ruhuňyzy direlder. Ine, siz şunuň ýaly doga-dileg edip bilersiňiz. Ýöne isleseňiz, öz göwnüňizdäki ýaly doga edip bilersiňiz.

*Gadyrdan Atam, men Isa Mesihiň Seniň Ogluň, Halasgärdigine ynanýaryn. Men Onuň haçda özüm üçin ölendigine, günälerimiň hemmesini alandygyna ynanýaryn. Ol dowzaha meniň deregime gitdi. Ol meniň mynasyp bolan jezalarymy çekdi-de, ölümiň üstünden ýeňiş gazandy. Men Onuň üçünji gün ölümden direlip, Seniň sag tarapyňda oturandygyna ynanýaryn. Isa, men Saňa mätäçdirin. Meniň günälerimi bagyşla, meni halas et, gel-de mende ýaşa. Men gaýtadan dogulmak isleýärin.*

Eger siz bu hakykatlara ynanýan bolsaňyz we çyn ýürekden Hudaýa doga eden bolsaňyz, onda **sizi gutlaýaryn, siz gaýtadan doguldyňyz!**

# 5

# MEN EÝÝÄM TÄZEDEN DOGULDYM, INDI NÄME ETMELI?

## *ÖSMELI*

Şeýlelikde, siz gaýtadan doguldyňyz. Indi siz Hudaýyň çagasy we mesihisiňiz, şonuň üçin size *ruhy taýdan ösmek* gerek. Hudaý siziň Öz ýolundan ýöreýän, Öz Sözüni bilýän we diňlemegi başarýan ruhy taýdan kämil bolan mesihi bolmagyňyzy isleýär.

## *SÖZI ÖWRENMELI?*

Eger Hudaýyň Sözüni öwrenmeseňiz, ösmersiňiz. Siziň ruhuňyz bilen janyňyz hem edil fiziki bedeniňiziň güýçli hem sagdyn bolmak üçin iýmite we fiziki maşklara mätäç bolşy ýaly, güýçli bolmak üçin iýmit bilen maşklara mätäçdir.

## *MAŞK ETMELI*

Hudaýyň Sözi (Mukaddes Kitap) — bu ruhy iýmitdir. Ruhy maşklara bolsa doga-dileg etmeklik, Hudaýy

şöhratlandyrýan nagmalar, Sözi ykrar etmeklik, Hudaýyň ýagşylygy hakda gürrüň etmeklik, Hudaýyň Sözüniň üstünde pikirlenmeklik, zekat bermeklik, mesihiler bilen gatnaşmaklyk degişlidir.

## *HUDAÝA DOGA ETMEK*

Hudaýdan özüňizi güýçli ýygnaga gönükdirmegini ýa-da size Hudaýyň Sözüni öwrenmäge kömek edip biläýjek mesihiler bilen tanyşdyrmagyny haýyş edip soraň. Mukaddes Kitaby okaň. Biziň günlerimizde Mukaddes Kitabyň köp dürli häzirki zaman terjimeleri bardyr. Olar Mukaddes Kitaba düşünmekligi aňsatlaşdyrýar. Mysal üçin, maňa *Mukaddes Kitabyň giňeldilen terjimesi* ýaraýar. Mesihilik edebiýaty dükanlarynda Mukaddes Kitabyň her hili terjimelerini tapmak bolar. Hudaýyň Sözüni okap başlamazyňyzdan öň, Mukaddes Ruha ýüzleniň-de, Mukaddes Ýazga düşünmäge kömek etmegini Ondan haýyş ediň.

Siz gaýtadan doguldyňyz we täze ýaşaýşa başladyňyz, şonuň üçin Hudaý bilen gürleşiň. Ol *hemişe siziň ýanyňyzdadyr.* Indi siz hiç haçan hem ýalňyz bolmarsyňyz. Isa: «Seni hergiz terk etmerin we seni hergiz taşlamaryn» diýdi (Ýewreýler 13:5). Indi siz öň ýekelikde göreşen zatlaryňyzda ýeke göreşmeli bolmarsyňyz. Edýän işleriňiziň hemmesinde kömek etmegini Rebden soraň. Indi *Mukaddes Ruh* siziň Kömekçiňizdir (Ýohanna 14:16).

Bilip goýuň, men Atany (Hudaýy), Ogly (Isany) we Mukaddes Ruhy agzap geçdim. Men siziň düşünmän oturmagyňyzy islämok, şonuň üçin ýatladýaryn: indi siz *ýeke-täk Hudaýa,* Üçbirlikdäki Hudaýa, Üçbirlige gulluk edýärsiňiz. Üçbirligiň her bir Şahsyýetiniň siziň durmuşyňyzda belli bir ýerine ýetirýän işi bardyr. Içiňizde ýaşaýan we Ata hem Ogluň barlygy bolup durýan Mukaddes Ruhuň görkezmesine eýerip, Ata Isanyň ady bilen doga ediň.

## *SUWDA ÇOKUNDYRYLMA*

Mümkin boldugyça tizräk suwda çokundyrylyň. Muny soňa goýmaň. Eger adam Isany Rebbi we Halasgäri hökmünde kabul eden bolsa, onda onuň suwda çokundyrylmagynyň gerekdigini Mukaddes Kitap aýdýar.

Suwda çokundyrylma suwa çümmekligi aňladýar. Bu adatça ruhy halypa — ruhy çopan ýa-da gullukçy tarapyndan ýerine ýetirilýär. Ol size suwda çokundyrylma taýýarlanmaga kömek edýär, siziň üçin doga edýär we mundan soň sizi suwda çokundyrýar.

Şeýle hem, suwda çokundyrylma köne ýaşaýyş obrazyny jaýlamaklygy, Hudaý üçin täze ýaşaýşyň doglandygyny alamatlandyrýar. Suwa çümenimizde biz günä üçin ölýäris, suwdan bolsa täze dogry durmuş üçin gaýtadan doglan adam bolup çykýarys (Rimliler 6:4-e seret).

Suwda çokundyrylmak bilen siz şeýtana we onuň arwah-jynlaryna (olar ýer ýüzünde aýlanşyp, ýer gatlaklaryny dolduryarlar) özüňiziň Isanyň yzyna düşmeklik kararyna gelendigiňizi yglan edýärsiňiz. Indi Isa siziň Rebbiňizdir. Siz özüňiziň günäli köne ýollaryňyzy jaýlaň-da, täzeçe ýaşamaklygy borç ediniň. Isa ölümi we direlmesi arkaly bize täze ýaşaýyş sowgat berdi. *Berk durup,* täze ýörelgelere eýeriň, ýogsam şeýtan sizi imandan dänmeklige mejbur eder Şeýle hem, suwda çokundyrylma halas bolmaklygy aňladýar (1 Petrus 3:21-e seret). Suwda çokundyrylma sizi duşmandan, şeýtandan «kesip aýyrmany» aňladýar. Mundan başga-da, bu siziň Isa Mesihe bolan imanyňyzy alamatlandyrýar. Hudaý Gara deňzi iki bölýär welin, Musa ysraýyl halky bilen ondan geçýär. Olar şeýdip, duşmandan azat bolýarlar. Olaryň duşmanlary bolsa (faraon bilen onuň goşuny) olary yzarlajak bolup, Gara deňizde gark bolýarlar. Bu suwda çokundyrylanyňyzda sizde bolup geçýän zadyň obrazydyr.

Belki, sizi çagakaňyz çokundyrandyrlar. Bu ýöne bir dini dessurlygy ýerine ýetirmeklikdir, şonuň üçin men size suwda çokundyrylmany akyl ýetirip, Mukaddes Kitabyň suwda çokundyrylma hakda gürrüň berýändigine ynanyp ýerine ýetirmekligi maslahat berýärin. Dini dessurda hiç hili many ýokdur. Bu şeýtanyň oýlap tapan zadydyr. Ol adamlary Ata, Ogul we Mukaddes Ruh bilen gatnaşykdan mahrum etmäge çalyşýar.

Din — bu adamyň Hudaý baradaky pikiridir, adam taglymatlarynyň formal ulgamydyr (Olaryň käbirleri Hudaýyň Sözüne gabat gelýär, emma köpüsi gabat gelmeýär) Şol taglymatlar Hudaýyň göwnünden turmak üçin hökmany suratda ýerine ýetirmeli bolan düzgünleri we kanunlary öz içine alýandyr.

Adamlar hiç hili manysy bolmadyk dini düzgünlere eýerýärler. Emma siz indi Isa Mesihi Rebbiňiz we Halasgäriňiz hökmünde kabul etdiňiz, şonuň üçin suwda çokundyrylmalysyňyz. Ol siziň üçin köp zady aňladar, sebäbi siz häzir suwda çokundyrylan wagtyňyzda, özüňizdäki köne adamy (özüňiziň köne, günäli tebigatyňyza) we onuň ähli öňki ýollaryny jaýlaýandygyňyza düşünýärsiňiz.

*Bellik:* gaýtadan dogulmaklyk hemişe emosional duýgular bilen utgaşyp durmaz. Siziň nähilidir bir üýtgeşik duýgyny duýmagyňyz mümkin, ýöne duýman hem bilersiňiz. Köp adamlar gaýtadan doglanlarynda, arkasyndan agyr ýük aýrylan ýaly, ýeňillik duýýarlar. Şeýle-de bolsa, Mukaddes Kitap biziň öz imanymyzy duýgulara esaslandyrmalydygymyzy aýtmaýar. Şeýle hem, Isa Mesihi kabul eden takyk wagtyňyzy ýatda saklamak hökman hem däldir. Emma siz gaýtadan *doglandygyňyza* bütin ýüregiňiz bilen *ynanmalysyňyz.*

Meniň çagalarymyň dördüsi-de gaýtadan doguldylar, ýöne olaryň ikisi özleriniň haçan iman edendiklerini

ýadyna düşürip bilmeýärler. Olar Isany gundagda bolan wagtyndan bäri tanaýarlar. Ýöne Hudaýda Isa hakda çagalykda eşitmedikler üçin hem çykalga bardyr.

# 6

# ÝENE NÄMÄNI BILMELI?

Biziň bilmegimiz gerek bolan ýene-de bir örän wajyp hakykat bardyr. Size başga bir beýik ak pata-da elýeterdir — bu Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmadyr. Ýahýa çokundyryjy Isa barada: «...Ol sizi Mukaddes Ruh we ot bilen çokundyrar» (Matta 3:11) diýdi. Ýahýa adamlary suwda çokundyrdy. Ýöne Mukaddes Ruh bilen çokundyrmaklyk näme?

Isa şägirtlerine Mukaddes Ruh bilen çokundyrmak barada ders berýär (Resullaryň işleri 1:5-8). Ol Mukaddes Ruh üstlerine inende, şägirtleriň güýç (ukyp, kuwwat, energiýa) aljakdyklaryny we Isa şaýatlyk edip biljekdiklerini aýdýar.

Siz Isany kabul etmek bilen Mukaddes Ruhy-da kabul edýärsiňiz. Ýöne Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmak — bu Mukaddes Ruhdan dolmakdyr. Ol siziň ruhuňyzy doldurýar. Şonda sizde güýç we mesihilik durmuşynda ýaşamaga hem-de Hudaýyň islegini ýerine ýetirmäge ukyp peýda bolýar.

Resullaryň işleri kitabynda “güýç” diýlip terjime

edilýän *“dunamis”* diýen grek sözi «gudratly täsiri bolan güýji, ukyby, kuwwaty» aňladýar.[5]

*Siz* gudrat görkezme güýjüni we ukybyny almak *isleýärsiňizmi? Siz isleýänsiňiz diýip pikir edýärin. Onda siziň Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmagyňyz gerek.*

*Bellik:* eger siz okkultistlere ýüzlenen bolsaňyz ýa-da okkultizm bilen meşgullanan bolsaňyz, onda Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmany soramazyňyzdan owal, şunuň ýaly eden işleriňize hökman toba ediň. Jadygöýlik, pal atma, spiritizm (ölüleriň ruhy bilen gürleşme), gara we ak magiýa, gündogar dinleri, kultlar, astrologiýa, «Täze nesil» hereketi, gipnoz, mediuma aralaşma ýaly zatlaryň hemmesi Hudaýa ýigrenjidir (Kanun taglymaty 18:9-12).

Şuňa meňzeş işleri edendigiňiz üçin Hudaýdan ötünç we arassalamagyny soraň. Şonuň ýaly zatlardan ýüz öwrüň-de, gaýdyp şeýtanyň ruhlary bilen iş salyşmak islemeýändigiňizi agzyňyz bilen yglan ediň.

## *MUKADDES ÝAZGYDAKY MUKADDES RUH BILEN ÇOKUNDYRYLMA BARADA GÜRRÜŇ BERILÝÄN ÝERLER*

> Emma siziň üstüňize Mukaddes Ruh inende, güýç-gudratdan (ukyp we başarnykdan) dolarsyňyz. Iýerusalimde, tutuş Ýahudyýada we Samariýada,

5 Jeýms Strong, Mukaddes Kitabyň gutarnykly ylalaşygy (MakLean, Wirjiniýa: MakDonalds neşirýaty, 1978), “Täze Ähtiň grek sözlügi”, s. 24, # 1411

ýer ýüzüniň dört künjeginde siz Meniň şaýatlarym bolarsyňyz (Resullaryň işleri 1:8).

- Ellinji gün baýramy güni ähli imanlylar bir ýere ýygnanyşyp otyrdylar. Birdenkä asmandan güýçli şemalyň sesine meňzeş şuwwuldy peýda bolup, olaryň oturan öýüniň içini doldurdy. Olar uçguna meňzeş bir zatlaryň pytrap, öz üstlerine inendigini gördüler. Olaryň hemmesi Mukaddes Ruhdan (Öz ruhuny kabul edip) doldular we Mukaddes Ruhuň beren ukybyna görä, başga (adaty bolmadyk, ýat) dillerde gepläp başladylar (Resullaryň işleri 2:1-4).
- Şonda resullar ellerini olaryň üstüne goýanlarynda, olar hem Mukaddes Ruhy kabul etdiler (Resullaryň işleri 8:17).
- Petrus bu sözleri heniz aýdyp durka, ony (habary) diňleýänleriň hemmesiniň üstüne Mukaddes Ruh indi. Petrus bilen bile gelen ýahudy imanlylar (ýewreýler) Mukaddes Ruhuň peşgeşiniň (bolluk bilen) keseki milletleriň üstüne-de inenini görüp geň galdylar (haýran galdylar, aňka-taňka boldular), sebäbi olaryň başga (näbelli) dillerde gepläp, Hudaýy öwgi bilen beýgeldişlerini (şöhratlandyryşlaryny we öwgi aýdyşlaryny) gördüler (Resullaryň işleri 10:44-46).
- Pawlus olaryň üstlerine elini goýan badyna, olara Mukaddes Ruh indi. Olar başga (ýat, näbelli)

dillerde gepläp, pygamberlik etmäge başladylar. (Resullaryň işleri 19:6)

*BAŞGA DILLER*

Şeýlelikde, adamlar Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmany alyp, «başga dillerde», ýagny ýat, nätanyş dillerde gepläp başladylar. Ol ýerdäki haýsydyr bir ýurduň ýa-da milletiň dili, ýa-da adamlaryň hiç biriniň düşünmeýän dili bolan perişdeleriň dili bolup biler (1 Korintoslylar 13:1).

Ýönekeýleşdirip aýtsak, siz öz gepleýän diliňizi bilmeýärsiňiz, ýöne ony Mukaddes Ruh bilýär we şol dilde siziň üstüňiz bilen gepläp, göni Hudaýa ýüzlenýär.

Başga dilleri “fenomen” diýip atlandyrsa-da bolýar, sebäbi biz şol dilde doga etsegem, oňa aňymyz bilen düşünmeýäris. Bu ruhy hadysadyr. Başga dillerde doga edeniňizde, aňyňyzyň «miwesiz bolýandygyny» Pawlus aýdýar Başga dilde doga etmek bilen siz özünizi berkidýärsiňiz (1 Korintoslylar 14:4).

Ýüze çykan haýsydyr bir mesele üçin nähili doga etmelidigini bilmedik wagtyňyzda, siz başga dilde doga edip bilersiňiz:

Şeýle hem, (Mukaddes) Ruh ejizligimizde bizi berkidýär (bize kömege gelýär); sebäbi biz hatda nähili we näme barada dileg etmelidigimizi hem bilmeýäris. Emma Mukaddes Ruhuň Özi söz bilen beýan edip

bolmajak iňňildiler bilen biziň üçin töwella edýär (biziň mätäçliklerimiz üçin doga edýär) (Rimliler 8:26).

Başga dillerde doga etmeklik siziň ruhuňyzy berkidýär, ruhy taýdan ösmeklige kömek edýär:

Eý söýgüli doganlar, siz özüňizi iň mukaddes imanyňyzyň üstünde (giňeliň, ösüň) gurup (berkidip), Mukaddes Ruhda doga edip... (Ýahuda 1:20).

## *EL GOÝMA*

Eýýäm Mukaddes Ruh bilen çokundyrylyp, başga dilde gürleýän birinden öz üstüňize elini goýup doga etmegini haýyş ediň. Bu size Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmaklyga ýardam eder.

## *ÇOKUNDYRYLMANY IMAN BILEN KABUL ETMEK*

Şeýlelikde, siz erbet bolubam öz çagalaryňyza oňat (peýdaly) peşgeşler bermegi bilýän bolsaňyz, onda gökdäki Ataňyz Özünden dileýänlere Mukaddes Ruhy has-da köp bermezmi? (Luka 11:13).

Hudaýdan özüňizi Mukaddes Ruh bilen çokundyrmagyny haýyş ediň.

## *MUKADDES RUHUŇ DUÝDANSYZ GELMEGI MÜMKIN*

Men Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmany 1976-njy ýylda kabul etdim. Men öz ulagymda gidip barýarkam möňňürip, Hudaýa ýüzlenip: «Ýa Reb, men köp zat isleýärin. Men Seniň bilen has çuň gatnaşykda bolmak isleýärin» diýdim.

Men Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmazymdan köp ýyllar öň gaýtadan doglupdym. Men gutulyş aldym we ölümden soň jennete düşjekdigime ynandym. Şeýle-de bolsa, durmuşymda üstünlik azdy, kynçylyklarym bolsa, şol çözülgisizligine galýardy. Şol günüň ertiri men çykgynsyzlykda Rebbe ýüzlendim welin, agşam Isa meni Mukaddes Ruh bilen çokundyrdy.

Men şol pursatyň özünde başga dillerde gepläp başladym.

Men başga diller hakda hiç zat bilmeýärdim, şonuň üçin gorkaýmagym mümkindi, ýöne özüme güýjüň guýulýandygyny duýdum. Men indiki üç hepdäniň dowamynda radioprogrammalary diňledim, kitaplary okadym-da, şolardan Mukaddes Ruh bilen çokundyrylma barada bildim. Ilki-ilkiler-ä men özüme näme bolýandygyny bilmedim. Men diňe munuň ajaýyp duýgudygyna we onuň Hudaýdandygyna düşünýärdim. Soň men başga dillerde gürleýändigim barada bildim-de, Hudaýdan özüme başga dil bermegini soradym we ony aldym.

# 7

# BAŞGA DILLERDE NÄDIP GÜRLEMELI?

Eger Mukaddes Ruh bilen çokundyrylmany almak isleseňiz: «Atam, Isa Mesihiň adyndan soraýaryn, meni başga dilleri bilme bilen Mukaddes Ruh bilen çokundyrmagyňy haýyş edýärin» diýip doga ediň.

Gowşaşyň-da, Hudaýyň barlygynda mejbury ýaly durmaň. Ol sizi söýýär, şonuň üçin hem size diňe iň gowy zatlary isleýär. Oňa asudalyk bilen garaşyň we jogap aljakdygyňyza ynanyň. Nähilidir bir üýtgeşmeleri *duýýançaňyz* ynanyň. Siziň hiç hili üýtgeşmeleri duýmazlygyňyz hem mümkin. Öz duýgularyňyza esaslanmaň-da, Hudaýyň wadalaryna bil baglaň.

Başga dillerde gürlemek üçin içki adamyňyzyň ruhundan syzyp çykýan sözleri aýdyp başlaň. Şol sözleri size Mukaddes Ruh berýär. *Olary siz oýlap tapyp bilmersiňiz.* Siz şol sözlere düşünmersiňiz. Ine, näme üçin köp adamlara öz düşünmeýän zatlaryny kabul etmeklik kyn bolýan eken. Ýöne bu kitap birnäçe ruhy soraglary açýar we ruhy düzgünlere eýermekligi öwredýär. Siziň

içiňizde nätanyş sözler we jümleler peýda bolýar. Olary aýdyp başlaň. Resullaryň işleri 2:4-de: «... Mukaddes Ruhuň beren ukybyna görä, başga dillerde gepläp başladylar» diýilýär. Indi siz başga dilde doga edip bilersiňiz. Siz näçe köp doga etseňiz, şonça-da ol täzeden-täze sözler bilen dolar we şonça-da siz ruhy taýdan tiz ösersiňiz. Bu hadysa düşünmeýän adamlar bilen bile başga dillerde doga etmäň. Eger siz adamlaryň içinde başga dilde doga edýän bolsaňyz, Hudaýdan öz aýdan zatlaryňyza düşündiriş bermegini soraň.

## Mukaddes Ruh bilen bolan täze ýaşaýşa hoşgeldiňiz! Siz dogry karara geldiňiz

Eger şu kitaby okanyňyzda, Isany kabul eden bolsaňyz ýa-da Mukaddes Ruh bilen çokundyrylan bolsaňyz, haýyş edýäris, muny bize ýazyň ýa-da jaň edip aýdyň. Bu bizi ruhlandyrar. Biz siziň üçin Hudaýa doga ederis we siziň bilen bile şatlanarys.

*ÝYLGYRYŇ, ISA SIZI SÖÝÝÄR!*

*«Siz häzir kime gulluk etjekdigiňizi saýlaň. Emma men tutus hojalygym bilen bile Rebbe gulluk etjekdirin».*

(Ýeşuwa 24:15)

Şeýlelikde, siz Mesihi kabul etdiňiz, siziň sagdyn ruhy taglymat almagyňyz zerurdyr. Hudaýyň Sözi — bu size ruhy ösüş üçin möhüm bolan ruhy iýmitdir. Isa: *«Meniň sözümi berjaý etseňiz, hakykatdan hem, Meniň şägirtlerim bolarsyňyz. Siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder» diýdi (Ýohanna* 8:31-32). Men sizi Hudaýyň Sözüne ynanmaklyga, ony öwrenmeklige çagyrýaryn, sebäbi siz Mukaddes Ýazgyny öwrenmek bilen Isa Mesihiň keşbine öwrülersiňiz (2 Korintoslylar 3:18).

*Söýgi bilen,*
*Joýs*

# AWTOR HAKDA

Joýs Maýer meşhur Mukaddes Kitap mugallymydyr. Ol bütin ýer şaryndaky millionlarça adamlara Hudaýyň Sözüni wagyz edýär.

Joýs ýüzlerçe temalary açdy, ýetmişden gowrak kitap ýazdy we her ýylda ýigrimä golaý konferensiýalary geçirýär. 2004-nji ýylda onuň 2,5 million kitaby satyldy we milliondan gowragy mugt ýaýradyldy. Onuň telegepleşiklerine dünýäniň köp ýurtlarynda seretmek bolýar. Onuň radioprogrammalaryny bolsa, üç ýüz radiostansiýa eşitdirýär.

Hudaý Joýsy imanly adamlary Hudaýyň Sözünde berkitmeklige çagyrdy. Ol bir wagtlar durmuşdan bütinleý eli sowan adamlaryň biri bolupdy. Häzir bolsa ol durmuşdan lezzet alýar, sebäbi Hudaýyň Sözüniň hakykatyny ulanmaklygy we kynçylyklaryň üstünden ýeňiş gazanmaklygy öwrendi. Joýs ýeňiş gazanmaklygy başgalara-da öwredip biljekdigine ynanýar. Joýs çagalykda başdan geçiren zorluklary, başa barmadyk ilkinji nikasy we durmuşda duş gelen kynçylyklarynyň hemmesi hakda açyk gürrüň berýär. Ol özüniň geçmişini gizlemeýär we şonuň ýaly kynçylyklara duş gelenlere amaly maslahatlary berýär.

Joýs Maýer Oral Robrtsiň Oklahom uniwersitetiniň hormatly doktorlyk derejesine we Floridanyň «Mesihi

durmuşy» uniwersitetiniň filosofiýanyň we ylahyýetiň doktory derejesine eýedir. 2005-nji ýylyň fewralynda «Taým» žurnaly Joýs Maýeri Amerikanyň iň meşhur ýigrimi bäş hoş habarçylarynyň sanyna goşdy.

Joýs Maýeriň bütin durmuşy Hudaýyň merhemetine we wepalylygyna şaýatlyk edýär. Ol adamyň geçmişi nähili bolsa-da, Hudaýda onuň üçin hemişe ýer bardygyny we Hudaýyň oňa şatlykly we bagtly durmuşa alyp barýan ýola düşmäge kömek edýändigini öwredýär.

# Siz bakyýetde nirede bolarsyňyz?

Köp adamlar diňe şu günki gün ýa-da öňde duran birnäçe aý, köp bolanda pensiýa çykjak wagtyna çenli bolan wagt barada pikir edýär. Ýöne, geliň, ondan aňyrraga seredip göreliň: siz ölümden soňky ýaşaýşa taýýarmy?

Adam ýöne bir etden, süňkden we myşsadan ybarat bolan diri organizm däldir. Adam — ruhy jandardyr, onda jan bardyr, ol bedende ýaşaýandyr. Biziň hemmämizem bir gün ölýäris. Biziň bedenimizi jaýlarlar, ol gabyrda ýatar. Ýöne ölümden soň adamyň ruhuna — ondaky içki «men»-ine, şahsyýetine, aňyna, erkine, emosiýasyna näme bolýar? Hut adamyň ruhy-da, hakyky adamdyr. Ruhumyzy fiziki göz bilen görmek mümkin bolmasa-da, ol ölmeýär.

Siz bakyýetde nirede bolarsyňyz? Bu siziň şu kitaby okandan son geljek kararyňyza baglydyr. Muny uzaga çekdirmäň. Bütin durmuşyňyzdaky iň wajyp karary kabul etmeli wagtyňyz geldi.